# MENARINI KOMPANIÝALAR TOPARYNYŇ ÖZÜŇI ALYP BARYŞ KODEKSI

**Ethical** vision,
**Integrity** in action

MENARINI group







## Giriş

*““Menarini Toparynyň Hormatly Agzalary,*

*Mälim bolşy ýaly, biz iň ýokary hil ülňülerini berk tutýan, ahlakly we aýdyň çemeleşmäni hem öz içine alýan öz esasy gymmatlyklarymyza laýyklykda işimizi alyp barýan maşgaladyrys.  Biziň her birimiz ähli kanunlary we düzgünleri berjaý etmäge, ýokary ahlak ülňülerine laýyklykda äkýürekli hereket etmäge borçlanýar.  Bu ahlak ülňüleri biziň toparymyzyň syýasatynyň esasyny düzýär, işdeşlerimiz bilen özara gatnaşmagyň, hyzmatdaşlarymyz we üpjün edijilerimiz bilen işimizi alyp barmagyň, bütin dünýä boýunça hassalar we beýleki jemgyýetlere hyzmatlary ýerine ýetirmekligiň esasyny düzýär. Hyzmatdaşlarymyz üçin mundan beýlägem ygtybarly bomak üçin siziň bu özüňi alyp baryş kodeksine ygrarly bolmagyňyza bil baglaýarys”.*



Elcin Barker Ergun

**01**

**AHLAK SAÝLAWY**

7 Maksat
8 Agzalar
8 Näme biz hereketlerimiz kadalaşdyrýan ýörelgeleri we düzgünleri kesgitleýäris
8 Ýolbaşçylarymyzyň yhlaslylygy we Jogapkärçiligi
9 Jogapkärçilik hem-de kanunlary we düzgünleri berjaý etmek

**02**

**IŞI ALYP BARMAKDA DOGRUÇYLLYK**

11 Parahorluga ýol bermezlik
13 Saglygy goraýyş işgärleri (HCP) bilen özara gatnaşyk
14 Öňe gitmek boýunça işler we ylmy alyş-çalyş
14 Sowgatlar, myhmansöýerlik alamatlary we munuň bilen baglanyşykly harajatlar
15 Bähbitleriň we düzgünleriň gapma-garşylygy
16 Üpjün edijileri saýlamak we satyn alyşlar
17 Bäsdeşlik we akýüreklilik
18 Halkara söwda
18 Daşky gurşawy goramak

**03**

**TZÄHMET GORAGY**

21 Adam çeşmeleri
22 Azar bermekligi we diskriminasiýany düýbünden kabul etmezlik
23 Adalatly çemeleşme
23 Saglyk we howpsuzlyk
24 Adam hukuklary
25 Işgärleriň gizlinlik hukugy
25 Goşulyşma medeniýeti
26 Jogapkärçilik we sosial mediada habarlaşmak

**04**

**HASSALARYMYZA ÜNS BERMEK**

29 Ylmy barlaglarda we işläp taýýarlamakda akýüreklilik
30 Maglumatlary aýan etmek
30 Biziň önümlerimiziň hili
31 Hassalaryň howpsuzlygy
31 Howpsuzlyk gözegçiligi we hasabat
32 Maglumatlaryň gizlinligi



00 - СОДЕРЖАНИЕ КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

**05**

**MAGLUMATLAR BILEN IŞLEMEKDE WE AKTIWLERI GORAMAKDA AKÝÜREKLILIK**

35 Hasapçylyk kitaplary, ýazgylary we maliýe hasabatlary
35 Intellektual eýeçilik
36 Gizlin maglumat
36 Korporatiw aktiwleri goramak

**06**

**JEMGYÝETIŇ ÖŇÜNDE JOGAPKÄRÇILIK**

39 Syýasy gatançlar
39 Haýyr-sahawat we jemgyýetçilik taslamalary
40 Hökümet we beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlyk

**07**

**ÖZÜŇI ALYP BARYŞ KODEKSINIŇ BOZULMAGY BARADA HABAR BERMEK (KORPORATIW HABAR BERMEK SYÝASATY)**

43 Habar bermek
45 Düzgün-nyzam temmileri
45 Ar-alyşdan goramak

**08**

**HABARLAŞMAK ÜÇIN**

47 Habarlaşmak üçin

# 01

# AHLAK SAÝLAWY


Maksat

Gatnaşyjylar

Näme biz hereketlerimiz kadalaşdyrýan ýörelgeleri we düzgünleri kesgitleýäris

Ýolbaşçylarymyzyň yhlaslylygy we jogapkärçiligi

Jogapkärçilik hem-de kanunlary we düzgünleri berjaý etmek






## Maksat

Menarini topary ahlak ülňülerini öňe sürmek, kanunlaryň we düzgünleriň berjaý edilmegini kepillendirmek, laýyk gelmeýän ýa-da bikanun hereketler barada habar berilmegine ýardam bermek üçin Özüňi alyp barş Kodeksini (mundan beýläk - "Kodeks") kabul etdi. Menarini toparyna girýän kompaniýalar tarapyndan meýletin kabul edilen Kodeks özüňi alyp barmagyň oňyn ýörelgelerini we düzgünlerini işgärlerimize, hassalarymyza, işewür hyzmatdaşlarymyza hem-de umuman jemgyýete (ýagny, bähbitli taraplara) biziň ygrarlylygymyzyň anyk şaýatnamasy hökmünde kesgitleýär.
Bu Kodeks biziň her birimiz üçin akýürekli hereket etmek boýunça esasy gollanma bolup durýar.
Bu Kodeksiniň iňlis dilindäki nusgasy bilen terjimesiniň arasynda islendik gapma-garşylyklaryň ýüze çykan halatynda, iňlis dilindäki nusgasyna artykmaçlyk berilýär.



## Agzalar

Kodeks Menarini toparynyň kompaniýalaryna, olaryň işgärlerine, wezipeli adamlaryna, ýolbaşçylaryna, şeýle hem işewür hyzmatdaşlaryna we Menarini topary bilen işewürlik gatnaşyklarynda bolan ähli beýleki taraplara gönüden-göni degişlidir.

## Näme biz hereketlerimiz kadalaşdyrýan ýörelgeleri we düzgünleri kesgitleýäris

Menarini toparynyň belli bir ýörelgeler we düzgünler toplumyny işläp düzenligine garamazdan, käbir ýagdaýlarda nähili hereketiň dogrulygy aç-açan belli bolman hem biler. Şeýle ýagdaýlarda Kodekse we onda beýan edilen ýörelgelerden ugur almagyňyzy haýyş edýäris. Hereketleriňiziň kompaniýanyň bähbitleri üçin edilýändigi hiç bir ýagdaýda siziň Kodekse laýyk gelmeýän hereketleriňizi aklap bilmez.




## Ýolbaşçylarymyz yň yhlaslylygy we jogapkärçiligi

Ýolbaşçylar şu Kodeksiň ýerine ýetirilmegine gönüden-göni jogapkär bolup, onuň Menarini toparynyň kompaniýalary tarapyndan berjaý edilmegi üçin ähli zerur çäreleri görýärler.

Guramaçylygyň ähli derejelerinde ýolbaşçylar ahlak meseleleriniň ýüze çykmagyna gönüden-göni jogapkär bolup, öz talaplary, hereketleri we özüni alyp barşy bilen şu Kodeksde kesgitlenen ahlak ýörelgeleriniň we düzgünleriniň möhümligini görkezýärler.





## Ýolbaşçylarymyz yň yhlaslylygy we jogapkärçiligi

Menarini toparynyň ähli ýolbaşçylary toparyň esasy gymmatlyklaryna laýyklykda karar bermäge hem-de öz hereketleri boýunça jogapkärçilik çekmäge taýýar bolmalydyrlar. Görelde bolmak bilen, olar diňe bir ähli işgärleriň bilmeklerini, düşünmeklerini we ýörelgedir düzgünleriň berjaý etmeklerini üpjün etmän, eýsem zerurlyk ýüze çykan halatynda ýolbaşçylygy alyp barýarlar hem-de goldaw we düşündiriş berýärler.

Ýolbaşçylar özüňi alyp baryş Kodeksiniň bozulmagyna ýol bermejekdigini anyk bildirmelidirler



## Jogapkärçilik hem-de kanunlary we düzgünleri berjaý etmek

Menarini topary öz işleýän ýurtlarynyň ähli hereket edýän kanunlaryny we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny, şol sanda ähli önümlerimiz boýunça ylmy barlaglary, işläp düzmeleri, önümçiligi, paýlamagy, satmagy we mahabatlandyrmagy kadalaşyrýan kanunlaryny we kadalaşdyryjy talaplaryny berjaý edýär. Muňa ýerli söwda birleşikleriniň düzgünleri hem degişlidir. Şu Kodeks bilen hereket edýän ýerli we halkara kanunçylygyň arasynda gapma-garşylyklar ýüze çykanda, has berk düzgünleri ulanylýar

# 02

# IŞI ALYP BARMAKDA DOGRUÇYLLYK

Parahorluga ýol bermezlik
Saglygy goraýyş işgärleri (HCP) bilen özara gatnaşyk
Öňe gitmek boýunça işler we ylmy alyş-çalyş
Sowgatlar, myhmansöýerlik alamatlary we munuň bilen baglanyşykly harajatlar
Bähbitleriň we düzgünleriň gapma-garşylygy
Üpjün edijileri saýlamak we satyn alyşlar
Bäsdeşlik we akýüreklilik
Halkara söwda
Daşky gurşawy goramak







## Parahorluga ýol bermezlik

B Menarini Menarini toparynda parahorlugyň, harçlamagyň, kezzaplygyň, ogurlygyň we / ýa-da bikanun peýda almagyň islendik şekilleri (köpçülikleýin, hususy, işjeň ýa-da passiw) berk gadagan edilýär.
Şeýlelik bilen, Agzalarymyz häzirki şertnamalary ýa-da täze iş döretmegi öz içine almak bilen işewürlik kararlaryna ýa-da adalatsyz peýda alynmagyna täsir edip biljek islendik gymmat bahaly zatlary (mysal üçin, sowgatlar, bir ýere gitmek, işewürlik ýlalaşyklary bilen bagly esassyz ýeňillikler we beýlekiler) gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn hödürlemekden, wada bermekden ýa-da bermekden saklanmalydyrlar.

Продолжение на следующей странице

Çylşyrymly ýagdaýa duçar bolanyňyzda özüňizden soraň:
• Muňa hereket edýän kanunçylyk we düzgünler tarapyndan rugsat berilýärmi?
• Bu Kodeksiň hem-de kompaniýanyň beýleki syýasatlarynyň we amallarynyň häsiýetine laýyk gelýärmi?
• Meniň bu hereketlerim barada köpçülikleýin habar beriş serişdelerinde habar berilse, özümi arkaýyn duýarynmy?



Menarini parahorlugyň islendik görnüşlerini berk gadagan edýär. Ähli Agzalar bu ýörelgelerden ugur almaly we işewürlik kararlaryna ýa-da adalatsyz işewürlik artykmaçlygynyň gazanylmagyna täsir edip biljek nädogry ýagdaýlary düýbünden ret etmelidirler.



## Parahorluga ýol bermezlik

Şeýle hereketler Menarini we onuň işgärleridir hyzmatdaşlary üçin ýol berilmesiz hasap edilýär.

Degişli adamlar (kompaniýa bilen bilelikde) işleriň alnyp barylýan ýurtlarynyň kanunçylygyna we kadalaşdyryjy hukuk namalaryna hem-de şu Kodekse laýyklykda jogapkärçilik çekýärler. Bu para hödürleýän ýa-da berýän üçünji tarap bilen gatnaşmagy hem öz içine alýar. Menariniň diňe biziň ahlak ülňülerimize laýyk gelýän taraplar bilen aragatnaşygyny saklamaklygy üçin üçünji taraplar saýlananda seresap we ýeterlik derejede oýlanşykly bomalydyr.

Bu saglygy goraýyş işgärleri bilen alnyp barylýan işlere hem degişlidir. Olaryň köplenç parahorluga we korrupsiýa garşy göreşmek boýunça wezipeli adamlar / döwlet gullukçylary bolup biljekdigini hem unutmaly däl ("Saglygy goraýyş işgärleri bilen özara gatnaşyklar" bölümine serediň).





## Saglygy goraýyş işgärleri (HCP) bilen özara gatnaşyk

Saglygy goraýyş işgärleri bilen özara aragatnaşyklara degişlilikde Menarini topary ähli hereket edýän kadalary doly berjaý edýär.

Saglygy goraýyş işgärleriniň lukmançylyk netijelerine täsir etmezlik üçin hökümetiň, edaralaryň we beýleki guramalaryň (döwlete degişli we degişli däl) işgärleri we wezipeli adamlary bilen ähli özara gatnaşyklar berk gözegçilik saklanýar ("Parahorluga ýol bermezlik" bölümine serediň). Eger Size ylmy barlagçy, maslahatçy ýa-da habarçy hökmünde biziň ylmy barlaglarymyzy ýa-da ylmy alyş-çalyşlary geçirmek üçin saglygy goraýyş işgäri bilen hyzmatdaşlyk etmek gerek bolsa, bu diňe kanuna laýyk we esaslandyrylan iş maksatlary bilen amala aşyrylar. Şeýle hyzmatdaşlygyň şertleri hem içerki ýörelgelere we düzgünlere, hem-de ähli kanunlara we kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyk gelmelidir.

Saglygy goraýyş işgärleri bilen özara gatnaşyk halkara kanunçylyk we degişli pudaklaýyn özüni alyp baryş kodeksleri (hususan-da, Farmasewtiki öndürijileriň we birleşikleriň halkara federasiýasynyň - IFPMA), şeýle hem sebitleýin / ýerli kadalaşdyryjy hukuk namalary (mysal üçin, Farmasewtiki öndürijileriň we birleşikleriniň Ýewropa federasiýasynyň) tarapyndan kadalaşdyrylýar.

Bu maksat bilen Menarini Professional medeniýeti we akýürekliligi syýasatynyň (Ethics and Integriy Policies), şeýle hem her bir aýratyn kompaniýanyň derejesinde monopoliýa garşy kanunçylygy berjaý etmegiň we maglumatlary goramagyň degişli maksatnamalarynyň umumy reglamentiniň çäklerinde saglygy goraýyş we derman senagaty bilen özara gatnaşygyň anyk düzgünlerini işläp düzdi.

**Lukmanlar, stomatologiýa we farmasewtika boýunça hünärmenler, şepagat uýalary we öz işiniň dowamynda derman serişdelerini belleýän, alýan, eltip berýän, maslahat berýän hem-de üpjün edýän islendik beýleki taraplar saglygy goraýyş işgärlerine degişlidirler.**



## Öňe gitmek boýunça işler we ylmy alyş-çalyş

Önümleriniň hili we howpsuzlygy barada alada etmek bilen, Menarini topary ygtybarly kompaniýa hökmünde öz abraýyna berkitmäge ymtylyp, öz mahabatlandyrma-maglumat berme işini dogruçyl we adalatly alyp barmaga çalyşýar. Mahabatlandyrma boýunça işleriň maksady saglygy goraýyş işgärlerine biziň önümlerimiziň bejeriş gymmatlyklary barada öz pikirleriniň döremegine mümkinçilik bermek, önümleriň netijeli peýdalanylmagyny üpjün etmek we hassalara edilýän idegi has-da gowulandyrmak bolup durýar. Bu şeýle hem lukmançylyk ylmy barlaglarynyň giňeldilmegini, lukmançylyk we dolandyryş çygrynda bilimleri ýokarlandyrmagy, hyzmatlarymyzy we önümlerimizi öňe sürmegi we ahyrynda zerur bolan garşylyklaýyn maglumatyň toplanmagyny göz öňünde tutýar.
Mahabatlandyrma materiallary we işleri, şol sanda biziň önümlerimiz barada belli bir maglumaty özünde saklaýan we kompaniýa ýa-da onuň işgärleri tarapyndan işjeň ulanylýanlary, dünýä derejesinde berk reglamentleşdirilýär: biz ähli hereket edýän halkara we ýerli kadalary berjaý etmäge borçludyrys. Iki manylylygyň öňüni almak, ýokary ahlak, lukmançylyk we ylmy ülňülerine laýyk gelmek üçin ähli mahabatlandyryjy materiallar we işler örän takyk bolmalydyr.




## Sowgatlar, myhmansöýerlik alamatlary we munuň bilen baglanyşykly harajatlar

Aslynda, eger hereket edýän kanunçylyk, kadalaşdyryjy hukuk namalary ýa-da pudaklaýyn kodeksleriň degişli düzgünleri tarapyndan gadagan edilmeýän bolsa, işewürlik gepleşikleriniň çäklerinde dessury sowgatlary bermäge, hödür-kerem etmäge ýa-da käbir başga nygmatlary bermäge rugsat edilýär. Muňa, şeýle sowgatlary alýan tarapy satyn aljak bolýanlygy hakynda pikir döräp biljek halatlary degişli däldir ("Parahorluga ýol bermezlik" bölümine serediň). Mundan başga-da ýerli kadalar we kanunlar tarapyndan rugsat berlen işewürlik medeniýetiniň düzgünleri we ülňüleri hem berjaý edilmelidir ("Saglygy goraýyş işgärleri bilen özara gatnaşyk" bölümine serediň).





## Bähbitleriň gapmagarşylygy

Bähbitleriň gapma-garşylygy - bu siziň şahsy bähbitleriňiziň Menarini toparynyň bähbitlerine garşy gelýän ýa-da garşy gelýän ýaly bolup görünýän ýagdaýlary.
Islendik görkezilen hereketleriň ýerine ýetirilmegi (bähbitleriň bar bolan ýa-da bolup biljek gapma-garşylygy ýagdaýynda), olaryň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek ýa-da Siziň professional kesgitlemäňize zeper ýetirip biljek we / ýa-da Siziň kompaniýanyň bähbitleri üçin adalatlary karарlary berip bilmegiňizde şübhe döredip biljek islendik başga hereketler düýbünden gadagandyr. Bu agzalanlar şu Kodeksiň ýörelgelerine we düzgünlerine garşy gelýän başga baglanyşykly hereketlere hem degişlidir. Bähbitleriň gapma-garşylygy hakyndaky kiçijik bir şübhe Menarini toparyna bolan ynamy gaçyryp, biziň abraýymyza agyr zeper ýetirip biler. Şonuň üçin biz hemişe şeýle ýagdaýlary ýüze çykarmaga we bähbitleriň gapma-garşylygyny aradan aýyrmaga ymtylýarys.

### Bähbitleriň gapma-garşylygynyň mysaly: iki ýerde işlemek

**Ssenariý**
Işgärler bölümine işgärleriň biriniň başga kompaniýada hem doly iş güni işleýändigi barada habar gelýär.
Munuň bilen baglylykda iş açylýar.

**Netije**
Ol işgär bilen işgärler bölüminiň wekili bilen gürrüňdeşliginde
ol işgäriň Menarini toparynda işe başlamazdan ozal öňki işinden çykmadygy ýüze çykaryldy. Iki tarapda hem işlemek bähbitleriň gapma-garşylygy bolup, iki kompaniýanyň hem gizlinligini şübhe astynda goýýandygy sebäpli Menarini topary bilen zähmet şertnamasy haýal etmän ýatyryldy.

**Netijeler**
Iki tarap işlemegiň düýbünden halanmaýandygyna düşünmek gerek, sebäbi ol kompaniýanyň işewürlik bähbitlerine we işgäriň gulluk borçnamalaryna aç-açan garşy gelýär.

## Üpjün edijileri saýlamak we satyn alyşlar

Tutuş işiniň durmuşa geçirilmeginiň dowamynda Menarini topary önümleriň we hyzmatlaryň hilini, howpsuzlygyny, netijeliligini, şeýle hem ygtybarly üpjün ediji tarapyndan hödürlenýän bahany göz öňünde tutup, ol önümleri we hyzmatlary alýar.

Üpjün edijiler hem biz ýaly akýürekli bolmaga ymtylmalydyrlar, hem-de ýerli düzgünleri we kanunlary berjaý etmelidirler. Üpjün edijileriň saýlawy adalatlylyk, açyklyk, bähbitleriň gapma-garşylygyny, hatda harytlary we hyzmatlary almaga degişlilikde biziň saýlawymyza täsir edip biljek gapma-garşylygy aradan aýyrmak ýörelgelerine esaslanýar. Munuň netijesinde biz üpjün edijilerimiz bilen özara gatnaşyklarymyzyň tertipliligini barlaýarys (Üçünji taraplar üçin Menarini toparynyň özüňi alyp barş kodeksine serediň).

Biz korrupsiýa, ynsapsyz bäsdeşlik, daşky gurşawy goramak hakyndaky düzgünleriň bozulmagy, adam hukuklaryna garşy gelýän zähmet şertleri ýaly islendik ters hereketlere ýol bermeris.







## Bäsdeşlik we akýüreklilik

Menarini topary üçin bäsdeşlik we akýüreklilik diňe bir kanunyň talaby bolman, eýsem anyk kesgitlenen korporatiw gymmatlyklarydyr.

Biz öz önümlerimiziň güýçli taraplaryna we artykmaçlyklaryna bil baglap, açyk we bäsdeş bazarynyň döredilmegine ymtylýarys. Hususy jemgyýetçilik jogapkärçiliginiň çäklerinde Menarini topary ähli işewürlik gatnaşyklarynda deňhukukly bäsdeşligi üpjün edýän ýörite syýasatyny we maksatnamalaryny girizdi. 2006-njy ýyldan başlap, taýýarlamagyň we gözegçilik etmegiň toplumlaýyn ulgamy işe girizildi. Iş alnyp barlanda monopoliýa garşy düzgünleriň bozulmagynyň töwekgelçiligini peseltmek üçin korporatiw syýasaty girizildi we hemişe täzelenip durýar.



## Halkara söwda

Menarini topary halkara söwdanyň ähli kanunlaryny we düzgünlerini, şol sanda söwda sanksiýalaryna we embargo degişli bolup, importy we eksporty kadalaşdyrýan kanunlary we düzgünleri berjaý etmäge borçlanýar.
Menariniň alyp barýan islendik işlerine degişli çäklendirmeler barada ähli işgärler bilmäge borçludyrlar.
Çäklendirmeler we gadagan etmeler harytlaryň häsiýetine, gelip çylan ýa-da ugradylýan ýurduna, maliýe amallarynyň walýutasyna ýa-da şeýle geçirimiň bir böleginiň kesgitlenmegine hem bagly bolup bilerler.

## Daşky gurşawy goramak

Menarini topary daşky gurşawy goramagyň möhümligine düşünýär we öz işlerini meýilleşdirende ykdysady başlangyçlar bilen daşky gurşawy goramak boýunça zerur bolan çäreleriň arasynda deňagramlygy tapmaga çalyşýar. Daşky gurşawa ýetirilýän täsiri mümkin boldugyça azaltmak üçin biz işimizi ekologiýa nukdaýnazaryndan oýlanşykly alyp barýarys. Şonuň üçin biz öz işleýän ýerlerimizde ähli hereket edýän halkara we ýerli kanunlaryň we kadalaşdyryjy namalaryň berjaý edilmegini kepillendirýän, daşky gurşawa ýetirýän täsirimizi azaltmak boýunça hereketlerimiziň mümkin boldugyça netijeli bolmagyny üpjün edýän daşky gurşaw ülňülerini girizýäris.





2-nji bap - Amaly Mysallar

**Men üpjün edijiniň geçirýän bir çäresine çakylygy kabul edip bilerinmi?**
Eger hereket edýän ýerli kanunçylyk we pudaklaýyn kodeksler tarapyndan gadagan edilmeýän bolsa, geçirilýän çäre ýerlikli hem-de dowamly geçirilmeýän bolsa, şeýle çakylygy kabul etmek gadagan edilmeýär. Çärä gatnaşjakdygyňyzy tassyklamagyňyzdan ozal öz ýolbaşçyňyz bilen maslahatlaşmak has gowy bolar, sebäbi bu geljekki kabul ediljek kararlarda siziň obýektiwligiňize täsir edip biler.

**Eger men bähbitleriň gapma-garşylygyna getirip biljek bir karary kabul etmeli bolsam näme etmeli?**
Şeýle ýagdaý boýunça haýal etmän ýolbaşçyňyz bilen maslahatlaşyň. Adatça mümkin bolup biljek gapma-garşylygy ýüze çykarmaklyk we resmileşdirmek ýeterlikdir. Laýyk çözgüdini tapmak üçin siz bu meseläni hukuk ýa-da gözegçilik bölümi bilen hem maslahatlaşyp bilersiňiz.

**Lukmançylyk käriniň wekili hökmünde men ýerli saglygy goraýyş işgärlerine biziň önümlerimiziň prezentasiýasy bolan planşetleri bermek isleýärin. Bu mümkinmi?**
Ýok. Diňe lukmançylyk tejribesine gatnaşygy bolan hem-de ýerli kanunçylyk we kompaniýanyň syýasaty tarapyndan rugsat berlen okuw materiallaryny we nominal gymmaty bolan esbaplary bermäge rugsat berilýär. Ähli sowgatlar degişli bölümler tarapyndan deslapdan tassyklanan bolmaly.
Rugsat berlen sowgatlara degişlilikde islendik şübhe bolan halatynda düşündiriş ýa-da maslahat üçin gözegçilik bölümine ýüz tutuň.



# 03

## ZÄHMET GORAGY


Adam çeşmeleri

Azar bermekligi we diskriminasiýany düýbünden kabul etmezlik

Adalatly çemeleşme

Saglyk we howpsuzlyk

Adam hukuklary

Işgärleriň gizlinlik hukugy

Goşulyşma medeniýeti

Jogapkärçilik we sosial mediada habarlaşmak








### Adam çeşmeleri

Adam çeşmeleri kompaniýamyzyň ösüşi üçin iň wajyp element bolup durýar. Işgärleri dolandyrmak adamlara hormat goýmaga we olaryň unikallygyny ykrar etmäge esaslanýandyr.

Olaryň ýokary hünär derejesi we Menarini toparyna ygrarlylygy kompaniýanyň maksatlaryna ýetmegi üçin aýgytly faktor bolup durýar. Şol sebäpden biz adam hukuklaryna, esasan hem işgärlerimiziň fiziki we ahlak eldegirilmesizligine degişli hereket edýän kanunçylyga laýyklykda bilimleriniň artdyrylmagyna we täze ukyplary öwrenmäge gönükdirilen professional ösüşleri höweslendirýäris.

Kodeksde beýan edilen gymmatlyklara ygrarly bolmagyň işgärlerimizi sylaglamak, höweslendirmek we işinde öňe sürmek üçin düýpli ähmiýeti bar.

Boş iş orunlara ähli dalaşgärlere Menarini topary adaty öňdebaryjy tejribäni ulanmak bilen deňhukukly garaýar we hormat goýýar; boş iş ornuna birini maslahat we ýardam bermegiň islendik şekillerine ýol berilmeýär.



## Azar bermekligi we diskriminasiýany düýbünden kabul etmezlik

Diskriminasiýa we azar bermeklige degişlilikde biziň işgärlerimiziň hem muňa edil biz ýaly garamagyny, ýagny şeýle hadysalary düýbünden kabul etmezligi talap edýäris.
Menarini topary diskriminasiýasyz iş giňişliginiň döredilmegine ymtylýar. Biz jynsy, teniniň reňki, dini, milleti, jynsy saýlawlary, ýaşy, çäkli mümkinçilikleri, göwreliligi, maşgala ýagdaýy, weteran derejesi ýa-da kanunçylykda göz öňünde tutulan islendik başga şahsy häsiýetlerine esaslanýan ters pikirleriň bolmagyna ýol bermeris.
Işe kabul etmegi, attestasiýany, başga işe geçirmegi, wezipesini ulaltmagy, öwezini dolmagy ýa-da işden çykarmagy öz içine almak işgärleri dolandyrmak islendik görnüşli diskriminasiýa bolmazdan amala aşyrylmalydyr.
Işgärler we ýolbaşçylar şahsy häsiýetlerine ýa-da ymtylyşlaryna görä däl-de, ukyplaryna, başarnyklaryna we öndürijiligine görä bahalandyrylmalydyrlar.
Işgärler we ýolbaşçylar şahsy häsiýetlerine ýa-da ymtylyşlaryna görä däl-de, ukyplaryna, başarnyklaryna we öndürijiligine görä bahalandyrylmalydyrlar.



Menarini topary diskriminasiýasyz iş giňişligini döretmäge ymtylýar. Biz jynsy, teniniň reňki, dini, milleti, jynsy saýlawlary, ýaşy, çäkli mümkinçilikleri, göwreliligi, maşgala ýagdaýy, weteran derejesi ýa-da islendik başga şahsy häsiýetlerine esaslanýan ters pikirleriň bolmagyna ýol bermeris. Muňa yzyna düşme, gorkuzma ýa-da mejbur etme hem degişlidir.



03 - ОХРАНА ТРУДА
КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

## Adalatly çemeleşme

Menarini topary ähli işgärlerine adalatly we deňhukukly gatnaşygy üpjün edýär, oňyn iş şertleriniň döredilmegine ýardam edýär we ähli zähmet kanunlaryny we kadalaryny berjaý edýär. Biz jynsy azar bermeklik we zorluk, ten şikeslerini ýetirmek, fiziki we psihologiki taýdan mejbur etme, söz bilen kemsitme ýaly medeniýetsiz we adam sypatlaryna laýyk gelmeýän hereketlerden azat iş şertlerini üpjün etmek üçin ähli mümkin bolan tagallalary edýäris.

## Saglyk we howpsuzlyk

Menarini topary öz ähli işgärleriniň hem-de biziň iş edaramyza gelýän we kompaniýanyň işine gatnaşýan adamlaryň saglygyny we howpsuzlygynyň goramagyň wajyplygyna düşünýär. Iş şertlerini gowulandyrmak, ähli hereket edýän kanunlaryň we kadalaryň (şol sanda, iş syýahatlaryna we duşuşyklaryna degişlilikde) berjaý edilmegini üpjün etmek bilen, biz bütin dünýäde iş ýerlerinde işgärleriň saglygyny we howpsuzlygyny goramagyň bitewi ülňülerini ulanmaga borçlanýarys.
Biziň işgärlerimiziň, üçünji taraplaryň we jemgyýetçiligiň gatnaşmagynda betbagtçylyklary azaltmak we olaryň öňüni almak biziň maksadymyzdyr. Şeýlelik bilen, anyk maglumatlaryň we maksada gönükdirilen okuw maksatnamalarynyň kömegi bilen işgärlerimiziň arasynda töwekgelçiliklerden habarly bolmak hem-de betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak medeniýetini işjeň öňe sürýäris.
Howpsuz zähmet şertlerini saklamak üçin (şol sanda ähli betbagtçylykly hadysalar we / ýa-da "mümkin bolan howply ýagdaýlar" barada öz wagtynda habar bermegiň üsti bilen) her kim jogapkärdir.





## Adam hukuklary

Islendik hyýanatlara gatnaşmakdan gaça durup, Menarini topary Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklarynyň ähliumumy deklarasiýasynyň ýörelgelerini amal etmäge we hormatlamaga borçlanýar. Biz ähli hereket edýän kanunlara laýyklykda öz işgärlerimiziň mertebesini, azatlyklaryny, saglygyny we deňligini goramaga ymtylýarys, şeýle hem diskriminasiýanyň, çaga zähmetiniň ulanylmagynyň ýa-da zorluk bilen zähmet çekdirmegiň islendik şekillerini gadagan edýäris. Öz hyzmatdaşlarymyzdan hem adamyň we işgärlerimiziň hukuklaryna degişlilikde edil şunuň ýaly ygrarly bolmagy talap edýäris.



03 - ОХРАНА ТРУДА
КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

## Işgärleriň gizlinlik hukugy

Menarini topary öz işgärleriniň we hyzmatdaşlarynyň şahsy maglumatlaryny hem öz içine almak bilen, ähli şahsy maglumatlaryň goralmagyna çynlakaý çemeleşýär. Şeýle maglumatlar bilen işlenende maglumatlary goramagyň hereket edýän kadalaryna, şeýle hem Menarini toparynyň maglumatlary goramak boýunça umumy reglamentine laýyklykda berk gizlinlik şertleri berjaý edilýär.
Maglumatlar mümkin boldugyça az hem-de diňe zähmet gatnaşyklaryna degişli maglumat toplamak ýörelgelerine laýyklykda jemlenýär. Diňe berk gulluk zerurlygynda bu işler bilen diňe ygtyýarlandyrylan işgärler meşgullanýarlar. Maglumatlar olary ýygnamagyň maksadyna ýetilýänçä ygtybarly saklanýar, hem-de ondan soň degişli tertipde pozulýar. Biziň işgärlerimiz we hyzmatdaşlarymyz islendik wagt maglumatlary goramak boýunça ygtyýarlandyrylan işgärlerimiz bilen habarlaşyp şahsy maglumatlaryň gizlinligi we / ýa-da olaryň ýerliksiz ulanylmagy hakyndaky kanunda göz öňünde tutulan hukuklaryndan peýdalanyp bilerler.



## Goşulyşma medeniýeti

Biz üçin köpdürlülik her bir işgäriň unikallygyna hem-de gymmatly goşandyna hotmat goýmak medeniýetini ösdürmek üçin möhüm gymmatlyk bolup durýar. Biziň iş giňişligimizde milleti, medeniýeti, etniki gelip çykyşy, dini ýa-da professional geçmişi ýaly islendik dürlülige goşmaça artykmaçlyk hökmünde seredilýär. Biz şeýle dürlülikleri göz öňünde tutmaga we işimiziň üstünlikli bolmagy üçin möhümligini ykrar etmäge ymtylýarys.

## Jogapkärçilik we sosial mediada habarlaşmak

Kompaniýanyň abraýyny goramak maksady bilen, işgärlerimiz hem şahsy durmuşynda, hem-de professional çygrynda sosial mediadan ýerlikli peýdalanmalydyrlar.  Belli mazmunly maglumatlaryň goýulmagy ýa-da teswirlenmegi Menarini toparynyň abraýyna täsir edip biler.
Kompaniýanyň önümlerine degişlilikde diňe ygtyýarlandyrylan işgärlere sosial mediada Menarininiň adyndan çykyş etmäge hukuk berilýär.

.








Г3-nji bap - Amaly Mysallar

**Öz işleýän bölümimde boş iş ýeriniň bardygyny bildim.  Şeýle hem doganymyň Menarinide işlemek bilen gyzyklanýandygyny bilýärin. Men doganymy öz ýolbaşçyma ýa-da işgärler bölümine maslahat berip bilerinmi?**
Menarini topary özünde işläp ýören işgärler bilen gatnaşyklaryna garamazdan ýokary hünär derejeli işgärleriň maslahat berilmegini höweslendirýär.  Şeýle hem bolsa, kompaniýa maslahat bermegiň ýa-da hemaýat etmegiň haýsydyr bir görnüşine esaslanyp işe kabul etmeýär.

**Mende üpjün edijimiziň çaga zähmetini peýdalanmak boýunça iş astyndadygy barada resmi bolmadyk habar bar.  Men şeýle myş-myşlara üns bermezlik bilen geçirmelimi?**
Ýok. Menarini topary adam hukuklaryny goraýar we hereket edýän kanunçylygyna hem-de umumy kabul edilen zähmet ülňülerine garşy gelýän hereketler bilen düýbünden ýlalaşmaýar.  Siz şeýle habary haýal etmän öz ýolbaşçyňyza ýetirmeli. Menarini bu meseläni öwrenip, zerur bolan halatynda degişli çäreleri görer.

**Işdeşim maňa sosial mediadaky öz hasabymyň üsti bilen biziň önümlerimiz barada habar bermegi teklip etdi. Muňa rugsat berilýärmi?**
Şeýle ýagdaýda örän seresap bolmaly. Diňe ygtyýarlandyrylan işgärleriň sosial mediada Menarininiň adyndan çykyş edip bilýändigini, hem-de önümlerimiz barada maglumat döredip bilýändigini ýatdan çykarmaň.



# 04

## ZÄHMET GORAGY


Ylmy barlaglarda we işläp taýýarlamakda akýüreklilik

Maglumatlary aýan etmek

Biziň önümlerimiziň hili

Hassalaryň howpsuzlygy

Howpsuzlyk gözegçiligi we hasabat

Maglumatlaryň gizlinligi








## Ylmy barlaglarda we işläp taýýarlamakda akýüreklilik

Ylmy barlaglarymyzda we işläp düzmelerimizde biz öňdebaryjy ylmy tejribä ymtylýarys. Bu bolsa bize hassalarymyzyň bejergi zerurlyklaryna laýyklykda innowasion we ýokary hilli önümler bilen üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

Biz bu işimizi ahlak jähtlerine zeper ýetirmezden, akýürekli alyp barýarys, hem-de ähli geçirilýän kliniki we ondan öňki synaglaryň ähli hereket edýän kanunlara, kadalaşdyryjy hukuk namalaryna we öňdebaryjy tejribäni ulanmagyň ýol görkeziji ýörelgelerine esaslanyp ýokary lukmançylyk we ylmy ülňülere laýyklykda amala aşyrylýandygyny kepillendirýäris.



## Maglumatlary aýan etmek

Rugsat edilen ýerlerinde biz hassalarymyz, lukmançylyk we ylmy-barlag jemgyýetleri hem-de köpçülikleýin habar beriş serişdeleri bilen maglumatlary we kliniki synaglarynyň nerijelerini paýlaşmaga ymtylýarys.
Biz bu hereketleri hassalar barada maglumatlaryň gizlinligini göz öňünde tutmak bilen, şeýle hem degişli kadalary berjaý etmek bilen amala aşyrýarys.
.



## Biziň önümlerimiziň hili

Biz ähli kanunçylyk we kadalaşdyryjy talaplara, şeýle hem dünýäniň öňdebaryjy tejribelerine esaslanyp, öz önümlerimizi ýokary hil ülňülerine laýyklykda işläp düzýäris, öndürýäris we gözegçilik edýäris.
Şu maksat bilen biz unikal hil ulgamyny girizdik. Ol ulgam ýokary hünär derjeli işgärler tarapyndan ýöredilýär we goldanýar, hem-de kompaniýa tarapyndan hemişe öňe sürülýär.
Hil ulgamy degişli saglygy goraýyş edaralary tarapyndan wagtal-wagtal barlanýar we şahadatnamalaşdyrylýar.



04 - ФОКУС НА НАШИХ ПАЦИЕНТАХ
КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

## Hassalaryň howpsuzlygy

Biziň işimiz hasalarymyza üns bermege esalanýar. Biz fiziki bitewiligi we saglygy goraýan hem-de gowulandyrýan derman serişdelerini ýerleýäris.
Has gowy ýerlemek hem-de hassalaryň öňündäki ahlak borçnamalaryny berjaý etmek üçin, biz optimal ylmy, bejergi, lukmançylyk we anyklaýyş çözgütleri üçin mümkin boldugyça uly tagallalar edýäris. Bu şeýle-de hassalaryň howpsuzlygyny kepillendirmek üçin öz önümlerimize degişlilikde iň berk kadalary berjaý etmek hatda ondan hem ýokary tutmak boýunça işleri hem göz öňünde tutýar. Yzygiderlikde, biz öz önümlerimizi we söwda markalarymyzy ýasamalykdan, galplykdan, ogurlukdan ýa-da başgaça bikanun ulanmakdan goramaga ymtylýarys.




## Howpsuzlyk gözegçiligi we hasabat

Menarini kliniki synaglardan geçen hem-de satylýan ähli önümlerine we derman serişdelerine degişlilikde ähli maglumatlary ýzarlaýar, bahalandyrýar we dolandyrýar. Şonuň üçin biziň işgärlerimiz Menarini toparynyň kompaniýalary tarapyndan ýerlenýän derman serişdelerini ýa-da önümlerini kabul edenlerinden soňra ýüze çykyp biljek goşmaça hadysalar ýa-da meseleler barada haýal etmän habar berýärler. Islenilmeýän hadysalara barlaghana netijeleriniň ýatyrylmagy, derman serişdesiniň özüne degişli bolmasa-da, derman serişdesini kabul etmek bilen wagtlaýyn bagly kesel alamatlary ýa-da kesellemek ýaly islendik oňaýsyz we garaşylmadyk netijeler degişli bolup durýar. Şeýle ýaramaz ýagdaýlar barada Menarini toparynyň kompaniýalarynyň web sahypalarynda jikme-jik beýan edilen prosedura laýyklyjda habar berip bolýar.

## Maglumatlaryň gizlinligi

Şahsy durmuşyň eldegirilmesizligi, biziň hassalarymyzyň, şol sanda Menarini topary tarapyndan maliýeleşdirilýän kliniki synaglara gatnaşýan hassalaryň esasy azatlyklary we mertebesi biz üçin örän ähmiýetlidir.

Menarini ähli hassalary baradaky maglumatlaryň howpsuzlygynyny üpjün etmäge, maglumatlaryň ýitirlmeginiň hem-de olaryň bikanun ulanylmagynyň öňüni almak boýunça hereket edýän kanunçylyga laýyklykda howpsuzlyk çärelerini berjaý etmäge borçlanýar. Mundan başga-da, kompaniýa ähli şahsy maglumatlary goramak üçin niýetlenen dürli tehnologiki çözgütlerden we howpsuzlyk proseduralaryndan peýdalanýar. Şeýle maglumatlar berkidilen maglumat habarlarynyň esasynda iň berk gorag ülňülerine laýyklykda toplanýar, işlenýär we pozulýar. Biziň hassalarymyz islendik wagt maglumatlary goramak boýunça ygtyýarlandyrylan işgärlerimiz bilen habarlaşyp şahsy maglumatlaryň gizlinligi we / ýa-da olaryň ýerliksiz ulanylmagy hakyndaky kanunda göz öňünde tutulan hukuklaryndan peýdalanyp bilerler.





04 - ФОКУС НА НАШИХ ПАЦИЕНТАХ
КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

4-nji bap - Amaly Mysallar

**Men önümçilik liniýasynda işleýärin. Konweýerden çykýan käbir önümleriň Menarini toparynyň hil ülňülerine laýyk gelmeýänligini bilen bolsam, men näme etmeli?**

Menarini ýokary hilli önüm öndürýär. Eger siz biziň hil ülňülerimize laýyk gelmeýän önümleri gören bolsaňyz, degişli resminamalarda beýan edilen proseduralaryny berjaý ediň. Zerurlyk ýüze çykan halatlarynda öz ýolbaşçylaryňyza we hil gözegçilik bölüminiň hünärmenlerine habar beriň.

**Bir oturlyşykda işdeşlerimiziň bir dostunyň Menarininiň önümini kabul edenden soň kellesiniň agyrandygyny bileidm. Bu barada habar bermelimi?**

Hawa. Maglumaty toplamagyň usulyna we Menariniň önüminiň mümkin bolan goşmaça täsiriniň agyrlygyna garamazdan, bu barada 24 sagadyň dowamynda aýtmak gerek.

**Belli bir taslamalarda men hassalaryň topary bilen hyzmatdaşlyk edýärin hem-de şahsy maglumatlar maňa hem geçýär. Men näme etmeli?**

Belli bir taslama degişlilikde şahsy maglumatlaryň degişli derejede goralmagy siziň jogapkärçiligiňizdedir.



# 05

# MAGLUMATLAR BILEN IŞLEMEKDE WE AKTIWLERI GORAMAKDA AKÝÜREKLILIK



Hasapçylyk kitaplary, ýazgylary we maliýe hasabatlary

Intellektual eýeçilik

Gizlin maglumat
Korporatiw aktiwleri goramak





## Hasapçylyk kitaplary, ýazgylary we maliýe hasabatlary

Biziň hasaplarymyzyň, maliýe sanawnamalarymyzyň, hasabatlarymyzyň we kanuna laýyklykda paýdarlarymyza ýa-da jemgyýete gönükdirilen hasabatlarymyzyň we beýleki maglumatlarymyzyň hakykylygy, akýürekliligi we açyklygy Menarini toparynyň fundamental gymmatlyklarydyr. Ähli ykdysady we maliýe amallar degişli görnüşde hasaba alynýar.
Her bir ýazgy amaly, amala kimiň rugsat berenligini, kimiň ýerine ýetirenligini, hasaba alandygyny we barlandygyny tassyklaýan degişli resminalar bilen berkidilýär.

## Intellektual eýeçilik

Ylmy barlaglaryň we öňdebaryjy önümleri işläp düzmegiň üsti bilen Menarini farmasewtika we anyklaýyş çygrynda Menarini innowasiýalary öňe sürýär. Intellektual eýeçiligiň goralmagy bolsa, bu maksada ýetmegiň açary bolup durýar. Intellektual eýeçilik kompaniýa intellektual artykmaçlyk berýär.

.



Продолжение на следующей странице



Ylmy barlaglaryň we öňdebaryjy önümleri işläp düzmegiň üsti bilen biz farmasewtika we anyklaýyş çygrynda Menarini innowasiýalary öňe sürýär. Intellektual eýeçiligiň goralmagy bolsa, bu maksada ýetmegiň açary bolup durýar.

## Intellektual eýeçilik

Bu islendik patentlere, haryt belgilerine, awtorlyk hukuklaryna, söwda syrlaryna (mysal üçin, ylmy, tehniki we söwda nou-hau), şeýle hem bazara önümleri girizmegiň işewürlik strategiýalaryna degişlidir. Biz öz intellektual eýeçiligimizi ýitmekden, ogurlanmakdan we bikanun ulanylmakdan goraýarys hem-de üçünji taraplaryň intellektual eýeçiligine hormat goýýarys.

## Gizlin maglumat

Işimiziň gidişinde biz öz kompaniýalarymyz, işewürlik hyzmatdaşlarymyz we beýleki üçünji taraplar barada gizlin maglumatlary döredýäris ýa-da bilýäris. Kompaniýanyň bähbitlerini goramak üçin biz şeýle maglumatlary iş zerurlygy bolmazdan ýa-da öňünden gizlinlik şertnamasyny baglaşmazdan Menariniň içinde we daşynda başga adamlar bilen paýlaşmaýarys.



## Korporatiw aktiwleri goramak

Menarini biziň her birimizden hem kompaniýanyň aktiwini goramagy hem-de netijeli ulanylmagyny üpjün etmegi talap edýär. Aktiwler maddy obýektleri, şeýle hem intellektual eýeçilik, iş resminamalary we elektron maglumatlara ýaly işimize degişli islendik maglumatlary öz içine alýar.
Bularyň ählisi kanuny iş maksatlary hem-de bähbitleriň gapma-garşylygyny aradan aýyrmak üçin ulanylmalydyr. Ogurlyk, geleňsizlik we harçlamak biziň netijeliligimize gönüden-göni täsir edýär we üçünji taraplaryň bize ýolan ynamyny gaçyrýar.





5-nji bap - Amaly Mysallar

**Meniň gönüden-göni ýolbaşçym bir müşderä degişlilikde garaşylýan, ýöne entäk tassyklanmadyk satuwy hasaba almagy haýyş etdi. Şeýle etmek bolýarmy?**
Ýok. Ýazgylaryň we hasaplaryň galp ýasalmagy, hakykatyň üýtgedilmegi kezzaplyk hasaplanýar. Düzgün-nyzam çärelerinden başga-da, bu Size hem-de Menarini toparyna degişlilikde raýat ýa-da jenaýat jogapkärçiligine getirip biler. Menarininiň resminamalaryna hiç haçan galp, ýalňyşdyrýan ýazgylary girizmäň.

**Men Menarini üçin seminar gurnaýan we ylmy žurnaldan bir makalany gatnaşyjylara paýlamak üçin nusgalamak isleýärin. Muny edip bilerinmi?**
Siz hereket edýän kanunçylyga we düzgünlere laýyklykda üçünji taraplaryň awtorlyk hukuklaryny göz öňünde tutmalysyňyz. Awtorlyk hukugyna degişlilikde şübhe dörän ýagdaýynda öz ýolbaşçyňyza we / ýa-da hukuk bölümine ýüz tutuň.

**Men işdeşim bilen bilelikde syýahat edýärin, hem-de biz häzirki wagtda dowam edýän kliniki synaglaryň gizlin netijeleri hakynda gürleşýäris. Muny etmek bolýarmy?**
Jemgyýetçilik ýerlerinde, sosial mediada, şeýle hem tassyklanmadyk aragatnaşyk kanallarynyň üsti bilen gizlin maglumatlary ulanaňyzda örän seresap bolmaly.



# 06

# JEMGYÝETIŇ ÖŇÜNDE JOGAPKÄRÇILIK



Syýasy gatançlar

Haýyr-sahawat we jemgyýetçilik taslamalary

Hökümet we beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlyk





## Syýasy gatançlar

Menarini syýasy partiýalary, syýasy ýa-da kärdeşler arkalaşyklarynyň birleşmelerini, syýasy komitetleri we guramalary, şeýle hem olaryň wekillerini we dalaşgärlerini gönüden-göni ýa-da gytaklaýan maliýeleşdirmekden saklanýar.
Kompaniýa mundan başga-da syýasy propaganda maksatly çäreleridir konferensiýalary maliýeleşdirmeýär we hemaýatkärlik etmeýär.






## Haýyr-sahawat we jemgyýetçilik taslamalary

Haýyr-sahawat guramalaryna islendik edilýän gatançlaryň ähli hereket edýän halkara we ýerli kanunlara hem-de kararlara laýyklykda amala aşyrylýandygyny Menarini kepillendirýär.
Haýyr-sahawat gatançlary we jemgyýetçilik taslamalary dolulygyna açyk bolmaly hem-de hiç bir ýagdaýda korrupsiýa maksatlary bilen ulanylmaly däl. Gatançlar we jemgyýetçilik taslamalary fiziki hem-de edara görnüşli taraplardan gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn adalatsyz artykmaçlyklary gazanmak üçin gönükdirilmeli däldir.



Biz ähli ygtyýarly edaralar bilen dürs we dogruçyl gatnaşyklary alyp barmaga ymtylýarys.

## Hökümet we beýleki edaralar bilen hyzmatdaşlyk

Menarini ähli ygtyýarly edaralar bilen dürs we dogruçyl gatnaşyklary alyp barmaga ymtylýar.
Biz maglumatlar soralanda ýa-da ýerinde derňew geçirilende kanuny ýüztutmalar boýunça hemişe ýardam bermäge çalyşýarys. Kanuna laýyklykda maglumat ýüztutmasyna ýa-da degişli derňewleriň geçirilmegine pasgelçilik bermäge gönükdirilen islendik hereketler gadagan edilýär.



06 - ОТВЕТСТВЕННОСТЬ ПЕРЕД ОБЩЕСТВОМ
КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

Г6-nji bap - Amaly Mysallar

**Biziň distribýutorymyz eger biz belli bir gatançlary amala aşyrsak, döwlet edaralary bilen täze şertnamanyň baglaşylmagyny üpjün edip biljegini aýtdy. Şol haýyr-sahawat guramasynyň ýolbaşçylarynyň biriniň şu şertnama boýunça işleýän döwlet edarasynda işleýändigini eşitdim. Men näme etmeli?**
Hiç hili gatanç etmän, öz ýolbaşçyňyza habar beriň. Distribýutor parany ýa-da bir bölegini şertnamany baglaşmak üçin jogapkär adamlary satyn almak üçin serişdeleri haýyr-sahawat gatanjy hökmünde nikaplamaga teklip edýär.

**Hökümet edaralary maglumat almak üçin kompaniýa resmi ýüztutma ugratdylar. Men kompaniýanyň resminamalaryny bermelimi?**
Hawa. Menarininiň degişli bölümleri hökümet edaralary bilen hyzmatdaşlyk edýär we resmi ýüztutmalar boýunça zerur bolan maglumatlary berýär. Haýal etmän, ol ýüztutmalary degişli bölümlere ugradyň (mysal üçin, korporatiw monopoliýa garşy kanunçylyk we gizlinligi berjaý etmek bölümi, içki audit we gözegçilik bölümi, işgärler bölümi).



# 07

# ÖZÜŇI ALYP BARYŞ KODEKSINIŇ BOZULMAGY BARADA HABAR BERMEK (KORPORATIW HABAR BERMEK SYÝASATY)




Habar bermek

Düzgün-nyzam temmileri

Ar-alyşdan goramak






## Habar bermek

Zerur bolan halatynda agzalar islendik, şol sanda mümkin bolan, kanuna, kadalara, şu Kodeksiň ýörelgelerine, Menarininiň strategiýalarynyň we proseduralarynyň bozulmagy barada habar bermelidirler.  Menarininiň borçnamalaryna zeper ýetirip biljek ýokarda görkezilen meseleler barada bilen işgärler bu barada haýal etmän habar bermelidirler:

- - öz gönüden-göni ýolbaşçysyna,
- - işgärler bölümine,
- - we / ýa-da gözegçilik bölümine.
- Şeýle habarlary, yzarlanmakdan gorkmazlyk üçin gizlin görnüşde hem ýetirip bolar.

Продолжение на следующей странице →




Düzgün bozmalar barada netijeli habar bermek üçin ýörite kanallar bar.  Habarlary, yzarlanmakdan gorkmazlyk üçin gizlin görnüşde hem ýetirip bolar.  Ähli habarlara gizlin görnüşde serediler.



## Habar bermek

Düzgün bozmalar barada netijeli habar bermek üçin şu aşakdaky aragatnaşyk kanallaryndan peýdalanyp bolar:
Web-sahypa:
Merkezi gözegçilik bölüminiň elektron poçta salgysy: **globalcompliance@menarini.com**.

Ähli habarlara degişli görnüşde serediler we berk gizlinlikde öwreniler. Zerurlyk ýüze çykan halatynda Mümkin bolan kemçilikleriň öňüni almak üçin düzgün-nyzam we düzediş çärelerini ulanýar. Belli bir düzgün bozmalarda kompaniýa derňewleri geçirmek hem-de jogapkärçilige çekmek üçin degişli döwlet we kadalaşdyryjy edaralary bilen işleşmelidir. Menarininiň bir bölegi bolmak bilen ýokary hilli önümleriň ahlak taýdan jogapkärçilikli we ygtybarly üpjün edijisi hökmünde abraýyny saklamak üçin biz işdeşlerimiziň we kompaniýanyň öňünde jogapkärçilik çekýäris.





07 - СООБЩЕНИЕ О НАРУШЕНИИ КОДЕКСА ПОВЕДЕНИЯ (ПОЛИТИКА КОРПОРАТИВНОГО ИНФОРМИРОВАНИЯ) КОДЕКС ПОВЕДЕНИЯ

## Düzgün-nyzam temmileri

Menarini her bir ýolbaşçysynyň, işgäriniň we işewür hyzmatdaşynyň degişli özüňi alyp baryş kadalaryny berjaý etmeklerine garaşýar. Şeýlelik bilen ähli Agzalar şu Kodeksiň kadalaryny berjaý etmelidirler. Hereket edýän kanunçylygynyň ýa-da şu Kodeksiň islendik düzgünleriniň bozulmagy degişli düzgün-nyzam çäreleriniň görülmegine getirýär. Düzgün bozmanyň agyrlygyna ýa-da ýygylygyna görä dilden ýa-da ýazmaça duýduryş, wezipeden aýyrmak, düzgün-nyzam synag möhleti, pul jerimesi we/ýa-da Menarini bilen zähmet gatnaşyklarynyň bes edilmegi ýaly temmi çäreleri ulanylyp bilner. Mundan başga-da, şu Kodeksiň, Menariniň syýasatlarynyň we proseduralarynyň berjaý edilmezligi gullukda öňe sürlende we işleriniň netijeleri boýunça höweslendirmegi ýa-da sylaglamagy öz içine almak bilen, höweslendirmekde göz öňünde tutulyp bilner. Üçünji taraplara degişlilikde başga ýörite düzgünlere laýyklykda düzgün bozmanyň agyrlygyna şertnamada göz öňünde tutulan sanksiýalar ulanylyp bilner





## Ar-alyşdan goramak

Menarinide kanunyň, şu Kodeksiň we islendik başga syýasatyň we proseduralaryň bozulmagyna degişlilikde dogry maglumat beren şahsa garşy negatiw hereketler edilmeli däldir. Düzgün bozmalar barada habar beren adamlaryň yzarlanmagyna ýol berilmeli däldir. Negatiw hereket eden ýa-da hereket etmäge synanyşan islendik adam temmisini alar. Şeýle sebäplere görä yzarlanýanlar haýal etmän öz gönüden-göni ýolbaşçysyna, işgärler bölümine ýa-da gözegçilik bölümine, şu elektron poçta salgysy boýunça habar bermeli: globalcompliance@menarini.com.
Emma Menarininiň ýalňyş maglumat berýän şahslara garşy hem deň derejede temmi çäresini görüp, garşysyna adalatsyz nädogry habar berlen şahslary gorajakdygyny unutmaň.

# 08

# HABARLAŞMAK ÜÇIN







## Habarlaşmak üçin

Düzgün bozmalar barada netijeli habar bermek üçin ýörite aragatnaşyk kanallary:

- Web-sahypa
- Merkezi gözegçilik bölümi: **globalcompliance@menarini.com.**

Eger şu Kodekse degişli soraglaryňyz bolsa, ýa-da düşündiriş gerek bolsa, ýüz tutup bilersiňiz:

- öz gönüden-göni ýolbaşçyňyza
- işgärler bölümine
- gözegçilik bölümine -

Monopoliýa garşy kanunçylyga ýa-da şahsy maglumatlaryň goragyna degişli meseleler boýunça şo elektron poçta salgysyna habar berip bilersiňiz: **compliance.menarini@legalmail.it.**

Ethical vision,
Integrity in action

MENARINI
group